# Hatammy?

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hatammy? HATAMMY?

Seni senden beter söýdüm,
Hatammy?
Bu yşk ömre ýeter diýdim,
Hatammy?

Yşgym baglap görejiňde,
Orun berdim ýüregimden.
Jandan zyýat görenimem
Hatammy?

Göwün diýen reýhanymdan
Gül bagyşlan şeýdaňdym men.
Özüm sençe söýmändim men,
Hatammy?

Habarsyzdym, ynan, çyndan
Çep gursagňy gömen çaňdan.
Sadadym hem ynanjaňdym,
Hatammy?

Tämizlige beslänimdiň,
Päklik atly asmanymda.
Dözmändim öz posama-da,
Hatammy?

Öýkelekdiň, daralmadym,
Öýkäňi-de gorgladym.
“Gitdiň” diýip, ar almadym,
Hatammy?